# Dertli baş / roman

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dertli baş / roman DERTLI BAŞ

*Bu eseri ýowuz ýyllaryň gowgaly günlerinde ýetimligiň zaryny çekip ulalan, arzyly çykanym Annamuhammet Nury ogluna bagyşlaýaryn.*
***Awtor***

Birinji bölüm

1.

Galagoply müň dokuz ýüz otuz ýedinji ýylyň güýz günleriniň biridi. Narlynyň sorag jaýyndan ýaňy getirilip durşudy. Her gezekki urulmalardyr gynamalar ýaş bedeni halys gowşadypdy. Haly teňdi.”Adam başy – daşdan gaty” diýleni, ýüz-gözünde, endamynda ýumruk degmedik, gögermedik ýeri galmandy. Selçeň gögeren ösgün sakgal-murt ony bolşundanam beter hor görkezýärdi. Ol başyna inen gowgalary ýüregine sygdyryp bilmän, kemiş-kemiş aglaýardy. Özüniň ynsan hasabynda görülmeýändigine kemsinýärdi.
Ol oglan mahaly daga odun ýygmaga giderdi. Käte eşekden ýykylyp, ýüz-gözüni çapdyryp gaýdardy. Şonda ejesi daşynda perwana urup: “Wah, balajygym, ýüz-gözüňi nädäýipsiň, agyrýamy? Wah, agyrýandyrla, eneň gursun, oguljugym, nädip men seni agyr işe, oduna ýolladymkam, neneň dözdümkäm!?” diýip şumjarardy.
Narly bu wakany ýatlanda, öňler ýylgyrardy. Häzir welin kellesini diwara söýäp, gözlerini ýumup, mölerip durdy? Soňam birdenkä kellesinden agyry tutup, baý aljyratmak aljyrat-dow. Çabalanyp, ýer sermeläpler çykdy.Agyry birneme köşeşensoň nämedir bir zady ýadyna saljak boldy. Içini gepletdi: ”Eý, taňrym, gözümemi-nämemi, ýaňky harby adamlaryň arasynda biri…aý, ýok-la, ol bu ýerde nämişlesin. Dünýäde meňzeş adam gytmy?…”

Narly oýlanyp otyrdy, özi-de diňe şol bir tanyş ýüzli adam hakda oýlanýardy. “Ol hökman Ahmetjanow diýilýäni bolmaly. Biz oňa ýöne Musa daýy diýýärdik. Ol bize köp gelerdi. Obadaky zastawada işlärdi, ol şol ýeriň ketdesidi. Kakam bilen ikisi dostdy. Esgerlerden kimdir biri näsaglanda-da köplenç kakamy äkiderdi. Kakam oňa tataryň iň gowusy diýerdi. Ony soň-soňlaram dine ýagşylykda ýatlardy. Eger şol bolup çyksa-ha, onda ol meni bu zyndandan alyp çykar, belki… Ýok, ýok, ol meni bütinleý boşädyp bilmez, birinjiden-ä, olam edil beýlekiler ýaly bigünä adamlary gynamak üçin ýokardan buýruk alandyr. Ikinjidenem, goý ol meni tanap boşatdam diýeli, onuň özünem sylap goýmazlar ahyry. Halk duşmanynyň ýarany diýmezlermi näme? Gowusy, men oňa özümi tanatmaly däl, men sebäpli o bir görgi görmesin. Başda näme bolsa görübermeli borun. Kakam pahyry urup öldürmedilermi näme”.
Ol gözlerine ýaş aylap ýaňy bir dikelibräk oturanda, gapy şarkyldap açyldy. Eli ýaragly, murtlak rus ýigidi içerik boýnuny uzatdy-da:
– Karabapbaýew! Na dopros! – diýip gygyrdy. Narla garawul esgeriň “na dopros” sözem “ölüme!” çalymdaş bolup eşidildi. Yogsam ol bir gezek soraga eltilse, iki-üç günläp adyny tutýan ýokdy. Bu gezek welin onuň şol ýerden getirilenine heniz bir sagadam geçmändi. Ýene çagyrylýar. Endamy syzlap, birden-ä low-low gyzýady, birdenem sowaýardy.
Ol ýerinden turanda gözleri garaňkyrap, entirekläp-entirekläp gitdi, diwara ýapyşyp ýöredi. Garawulyň-da oňa rehimi inen borly. Sesini çykarmady. Ýogsam onda-da rehim-şepagat ýokdy. Sähel güýmeň-süýmeň etdigiň depäňden goşa ýumruk indererdi.
Narly eli tüpeňli garawulyň öňüne düşdi. Sorag jaýynda çignine gyzyl mata daňylgy nobatçynyň ýeke özi otyrdy. Garawul tussagy onuň ýanynda galdyrdy-da, nobatçynyň “gidiberiň” diýen yşäratyndan soň yzyna dolandy. Nobatçy ýerinden turup, Narla golaý geldi.
– Nämüçin ikilenç çagyrylýanyňy bilýäňmi, it ogly? Häzir seň tepbediň okalar. Bary gutarar, dadyňa ýetişjek bolmaz. – Ol elindäki çilimden işdämen dartdy. – Günäňi ak ýürekden boýun alarsyň öýdüp dokuz aý sakladyk. Dokuz aý. Indi welin parhy

ýok, boýun alsaň-almasaň, biz saňa iň ýokary jezany bereris. Häzirjek gelerler, höküm okalar. Onsoň…
Nobatçynyň sözüniň arasy içerik goltugy papkaly adamlaryň girmegi bilen kesildi. Ol ýerinden towsup turdy-da:
– Ýoldaş sülçi! Bir ýüz kyrk ýedinji kameranyň tussagy Garabäpbäýew siziň çagyrmagyňyz bilen soraga getirildi – diýdi-de, dim-dik durup, sag elini papagynyň gasyna ýetirip, olara çest berdi.
Olar ýerli-ýerine geçip oturdylar. Narly ortarada söm bolup durdy. Ozem gara deriň içindedi.Musa daýa duşaryn diýen umydy eýýäm puç bolupdy. Indi ol haýsydyr bir ýowüz jezanyň pidasy bolmalydy. Her näme-de bolsa, olardan Musa daýyny soramaga çemlenýärdi. Agzyny müňküldetýärdi, aýtjak sözuni içinden gaýtalaýardy. Bir zat diýmekçi bolýanyny aňlan nobatçy oňa:
– Gymyldaman otur – diýip, azgyryldy. Içerik ýene-de bir topar adam gelip girdi. Narlynyň tenine ot goýberilen ýaly boldy. Sebäbi, şol adamlarň arasynda onuň gözleýäni bardy. Ol gözlerini aýyrman seretdi: ”Bu hakyt şol, Musa daýy bolmaly. Belki-de, onuň doganydyr?” Narly näme bolsa, şol bolsun etdi.:
– Musa daýy!..
Öz adynyň tutulanyna ýüzi nurana adam bärligine bakdy. Tussaga içgin-içgin seretdi. Ýöne hiç zady aňşyryp bilmän, egnini gysdy. – Sen meni nireden tanaýaň?
Narly ýaýdandy. Adamlaryň ikisiniň sesi goşulyşyp gitdi.
– Senden soralýar, gulagyň gapykmy, sen Ahmetjanowy nireden tanaýaň?
Ahmetjanow işgärleriniň ýüzüne alarylyp seretdi. Olaryň ikisi hem süňk ýuwdan ýaly lal açyp, gaýra-gaýra çekildiler.
– Sen meni tanaýaňmy, tussag?
Narly indi iki ýanyny deňläpdi, hiç zatdan çekinmeýärdi. Ölse-de armansyz galmaz ýaly, özüni tanadyp ölmelidi.
– Siz birmahallar biziň obamyzda işläp gaýdypdyňyz. Ýalňyşmasam, siz Musa daýy bolmaly. Siz meni tanamaly ahyry.
– Dur, dur, dur… Sen nohurly Garabäpbäň ogly-ha dälsiň-dä! Ňarlymydy adyňam?
– Men şol Narly.
– Garawul obasyndaky tebibiň oglumy?

– Hawa, hawa, tanadyňyz, Mysa daýy.
– Gör sen neneň ullakan ýigit bolupsyň. – Ol iki elini Narlyň egninde goýup, ony boýdan-başa synlady. – Men siziň obaňyzdan gullukdan gaýdamda, sen ýaňy bir ýedi-sekiz ýaşlaryndaky ylgap ýören oglanjykdyň ahyry.
Içerdäkiler Ahmetjanowyň bu gürrüňine aňka-taňka boluşdylar. Ol welin şol bir bolşuny üýtgetmän, Narly bilen mähirli gürleşigi dowam etdirdi.
– Ýeri, Narly han, sen aýt, nädip bu ýerlere düşdüň? Günäň näme?
– Näme bozgaklyk edenimi özümem bilemok, Musa daýy. Ýöne “siz halk duşmany” diýip, kakam bilen bir gijede ikimizem alyp gaýtdylar.
– Kakam bilen?.. Garabäpbe tebibemmi?
– Hawa, hawa, onam.
Ahmetjanow baryp bir kürsüde oturdy-da, elini kellesinde goýdy.
– Geçen tomusky getirişleri. Meni-hä yşyk garasy görünmedik tüm garaňky jaýda saklaýarlar.Özlerem aram-aram gelip, urup keýpden çykýarlar.
– Ýoldaş Ambarsumýan, tussagyň etmişi näme, näme üçin ol garaňky jaýda saklanylýar?
– Ýoldaş komandir, bu ýas ýigidiň delosynda “halk duşmanynyň ogly”, “Eýranda daýysy ýaşaýar” diýlip görkezilipdir. Onuň özi welin hiç zady boýun alasy gelenok. Onsoň şeýle tussaglaryň saklanylýan ýerem…
– Ýagsy, ýagşy, ýoldaş sülçi, siž iňdi bu tussaga näme jeza berjek bolýarsyňyz?
– Ýoldaş komandir, önem bu ugurdan kän-kän barlaglar, derňewler geçirilipdir. Kakasynyň halk duşmanylygam, Eýranda daýysynyň barlygam tassyk bolupdyr.
– Ýeri onsoň?
– Onsoň. On sekiz ýaşy dolýança zyndanda saklamak, soňam oňa iň ýokary jezany bermek karar edilipdir. Häzir bolsa tussagyň on sekiz ýaşynyň dolýandygy sebäpli, şol kararyn güýje girýändigini yglan etmekçi bolýarys.
–Hany dilleniň, siz türkmenleriň, haýsy biriňiziň Eýranda

garyndaşyňyz ýok? Geliň erkek ýaly ak göwünden boýun alalyň. – Ahmetjanow ýoldaşlarynyň birlaý ýüzüne garap çykdy. – Heý-de agzyndan süýt ysy gitmedik oglandanam “halk duşmany” bolarmy? Dogry, munuň ejesi o ýandan gelen. Ýöne kakasy Garabäpbe tebibe welin men belet, ol perişde ýaly adam. Onuňam asly hywaly bolmaly. – Ol şu ýerde Narla ýüzlendi: – Kakaň häzir niräň türmesinde? Halyndan habaryň barmy?
– Kakam … Ony öldüripdirler… – Narlynyň damagy dolup, gözüniň ýaşy paýrap gaýtdy. -Kakama “sen dönük” diýip sütem baryny görkezipdirler.
– Garabäpbe tebibe dönüklik garasyny sürtseňem ýokmaz. Ol tüýs il ogludyr.
Hany, oglum, gel meniň ýanymda otur-da, ähli zady bolşy-bolşy ýaly gürrüň ber. Ýöne çynyňy sözle, men o barada bar zady biläýmeli. Bu seniň ykbalyňa-da degişli bor. – Ahmetjanowyň zarply çykan sesi bütin jaýyň içini ýaňlandyryp gitdi.
Narly onyň görkezen ýerine geçip oturdy.
– Nurýagdy ganhor-a tanaýansyňyz?!
– O kelle keseri tanamadyk barmy? Niçe-niçe bigünä adamyň ganyna galan günäkär ahyryn.
– Ana, şol adam bir gezek kakamyň ýanyna baryp:˝Tötänlikde ýaralandym, kömek et!˝ dýip, ant içip, awy ýalapdyr. Kakama-da siz belet, beter ynanjaň adamdy. Onuň üçin baý bol, garyp bol, parhy ýokdy, kömek sorap gelene elinden gelenini gaýgyrmazdy. Dürli melhemler bilen onuň synasyna düşen ýaralaryna melhem edipdir. Ol birkemsiz gutulansoňam tokaýa siňip gidipdir. Ine, kakamyň şol eden işi üçinem bizi “ halk duşmanynyň ýarany” diýip türmä basdylar. Hakykatynda welin ol Nurýagdynyň ganhorlygyndanam bihabar eken.
– Nurýagdy ganhoryň halkyna haýynlyk edenligi dogry.Ýöne häzir bar zat üýtgedi. Ganhor ele salyndy, almytynam aldy. O deýýusyň gözümiziň alnynda jany jähenneme iberildi. Kakaň olenligi hakynda ejeň – meniň atdaşym bilýärmi?
– Bilme nämişlesin. Görgüli ataly-ogul ikimiziňem ýasyny tutup oturandyr.
– Biz deloňa täzeden serederis.
– Musa daýy…

—Hawa, aýdyber.
— Bäride biziň obaly Meret Işan, Çary Demirhan ogly, zastawaň doňuz çopany Iwan dagam ýatyr. Olaram nähak gynalýar. Siz olary menden gowy tanaýarsyňyz ahyryn.
— Bu bolýan zatlara seretsene…
2.
Howanyň bulançaklygy ir ertirden başlandy. Günüň äpet göwresiniň öňüni bulut tutdy. Hä diýmänem elekden guýlan ýaly ýagyş damjalary topraga künji deýin sepelenip ugrady. Pyntyk ýarjak bolup duran erikdir garaly, şetdalydyr alma agaçlaram, çybyklary çyrpyşdyrylyp, ýalaňaç oturan üzüm dalbarlaram ýagyş suwuna mazaly ýuwuldy. Ýere ýyly siňip ugran ene topragam üstüňden agyr ýük aýrylan iner kimin uludan dem alyp, esli wagtlap bugaryp otyrdy.
Ýagşyň näwagt ýagjagyny Garabäpbeden soraýmalydy. Il-gün onuň bilgiçligini dilden düşurmeýädi. Ylla ýanynda howa ölçeýji gural göterýän ýaly, açyk günde-de “ýagyş ýagar” diýse ýagyn ýagar, “ýagyn ýagmaz” diýse- de, bulutly günem gökden bir katra nemem dammaz. Älhepus, onuň ýalňyşän gezegine duşan ýokdur.
Şeýle başarjaňlyk, akyl hem ukyp köpüň oýlaýşy ýaly nesil yzarlaýan bolmagam ahmaldy. Kakasy Kömek aga tebiplikde tutuş Hywany baglapdy. Ol arçaly, umgaly, çar bagly Nohur jülgesine aýak basyp, bu ýerde ymykly ýurt tutunansoňam öz kärini taşlamandy. Asyl garrylaryň aýdyşlaryna görä, onuň bu mekana göçüp gelmeginiň düýp maksady hem ata kesbini ýöretmek, iliň-günüň derdine em etmek bolupdyr. Ol içeňde damagyňy doňdurýan suwy bolan irili-ownukly çeşmeli, sümme tokaýly, gaplaň-şirli çuňňur derelerde täsin ösümliklere duş gelip, olardan dürli kesellere derman taýynlapdyr. Hywaly tebibi soraglap, örän uzak ýerlerdenem dertliler gelipdir. Goňşy ýutlardan-da ýol söküp, uly harajatlar çykaryp gelenler-de kän bolupdyr, ençeme ýyllap düşekde ýatan adamlaram onuň eminden şypa tapyp, aýak üstüne galyp gidipdirler.
Garabäpbe kakasy ýogalanda ýaňy üç-dört ýaşlaryndaky oglanjykdy. Özi düşbüjedi. Ata-enesiniň pajygaly ölüminden soň daýysynyň elinde ulalyp, onuň kesel bejermekde ulanan

emlerini, usullaryny ýatda saklapdy. Dirikä daýysyndan kän-kän derdiň em-ýomlaryny ýazybam alypdy. Onuň bilen Nohurdan Garawul obasyna göçüp gelmäge-de razylaşypdy. Ýöne Garabäpbäniň ýagşyň ýagjagyny çaklap bilşiniň başga bir sebäbem bardy. Ol on-on iki ýaşlaryndaka atdan ýykylyp, kän wagtlap düşekden galman ýatmaly bolupdy. Onuň dyz çanagy döwlüp, ony daýysy uzak wagtlap bejeripdi. Döwuk ýeri birkemsiz gutulan bolsa-da, barybir, ýagyş-ýagmyryň öňüsyrasy onuň birmahalky döwlen süňküniň ýeri syzlabererdi.

x x x

By waka müň dokuz ýüz on sekizinji ýylyň alabaharynda bolupdy. Garabäpbe öz öýünde düýnki ýygyp getiren dag otlaryndan derman taýynlap otyrdy. Daş işikde kimdir biri onuň adyny tutup gygyrdy. Ol howludan daşary çykdy . Derwezäň agzynda dor atly, garaýagyz, murty yzyna bakan gaýşarylyp duran orta ýaşlaryndaky epeý bir adam durdy. Onuň üst-başy gurgundy, egnindäki ýaragam göze dürtülip durdy.

– Salowmaleýkim agam, sizmi Garabäpbe tebip diýilýäni?

– Waleýkimessalam, öz-ä gelmeli gapyňyzy ýalňyşmansyňyz, geliň-geçiň, hoş gördük. – Ol mürähet edip, näçe mysapyrsyrasa-da, bu nätanşyň ýönelige gelmänini ýüregi syzdy.

– Oturmakçy-ha däl.-Nätanyş çalasynlyk bilen atdan düşdi-de, elini uzadyp görüşdi.

Olar saglyk-amanlyk soraşdylar. Atly adam özüni tanyşdyrmaga durdy.

– Men Eýran türkmenlerinden. Salman baýyň nökeri. Adym Ärdogdy, Oturmyşym Çukur obasy.

– Magtymguly atamyz diýmänmi: “ Akylsyz är mesgen tutmaz, sulhy söýülmeýen ýerde” diýip. Nirde gün-güzeranyň gowy geçse, ykbal hem seni şo topraga dartýandyr.

– Dogry aýdýaňyz , tebip aga. Biziň üçin şol ýeriň amaty bar.

– Atalarymyz “ Dogry gelen keýigiň iki gözünden başga aýyby ýok” diýendir myhman. Menlik näme hyzmat, aýdyp oturyň. Kim näsag? Baýyň özümi?

–Ýok, yok, baý agamyz sag-salamat gezip ýörendir.Ýöne onuň bir dogmasy bar, ana, şojagaz ölüm halynda ýatyr. Ol sizden delalat isläp, meni yzyňyzdan ýörite iberdi.

Garabäpbe myhmany uzak garaşdyrmady, asyl ol başga zat barada pikirlenibem durmady. Ol gereklär öýden zatlaryny horjunyna atyşdyrdy-da, paý gulak eşegine münüp ýola düşermen boldy. Duldegşir salnan jaýyň howlusyna boýnuny uzadyp gygyrdy:
– Meretgül, dogan, bärik bir gelip git. – Meretgül dähedem-dessemläp howludan girdi. Bu ýerde ýat adamyň duranlygyny görüp,ýaşmagyny ýaşyndy, başyndaky ýaglygyny çümre bürendi. Myhman üm bilen salamlaşdy. Soňam Garabäpbä has golaý gelip:
– Bu nä boluş, doganjygym. Etmişiň näme?-diýdi-de, birsalymda gözüniň okarasyny ýaşdan pürepürledi.
– Meretgül, uýam, eýranly Salman baý meniň yzymdan çapar ýollapdyr. Onuň näsagy bar diýýä. Gitmesem bolmaz. Bir adamy ölüm penjesinden alyp galsam, onyň sogaby barça närseden köpdür. Oýe göz-baş bolaweri, men bahym gelerin. – Ol şu ýerde egildi-de, Meretgülüň gulagyna pyşyrdady: “Men Cukur obasyna barýaryn. Indiki anna gününe çenli gelmesem. Gylyç menden habar tutsun”. Şondan soňky sözlerini welin çapara eşitdirip aýtdy. – Bolýar, uýam, sag-salamat oturyň!
x x x
Howsala düşmez ýalam däldi. Onuň Eýrana gideninden uly obada ýeke-täk naçary – Meretgül habarlydy. Süýrgünortanlar ýeke özi aýry bir ýurtlynyň yzyna düşdi-de ötägitdi. Su günler ýola ýeke çykmagyň hatarlydygyny bolsa Meretgülem her kesçe anýardy. “ Onda ol bolupdyr”, “Munda bul bolupdyr” – her gün eşidýäni şulara meňzeş şumlukdy. Garabäpbäniň giden habaryny ol adamsyna şol gün agşamsy ýetiripdi. Gylyç hem bu habary haýdan-haý özüniňkilere aýdypdy. Olar köplükdi. Şeýdibem uly obanyň adamlary eşidipdi. Äradan üç gün geçensoň ýaşulular Gylyçlara ýygnandylar.
Olaryň ýüzleri aladalydy. “ Heý-de, şunça gün geçer-de, aýatda diri bolsa gördüm-bildim bolmazmy? Eýgilik bolsa ne ýagşy” Meretgül ýaşmak astyndan pyşyrdasa-da, onuň näme diýýänini hiç kes aňmady. Ýöne oňa düşünmezçe däldi. “Nämüçin men oňa garşylyk görkezmedimkäm! Nämüçin öňünde dyzyma çöküp, ýalbaryplar saklamadymkam? “Ýeke çykana – ýeke kesek” diýleni bolaýarmyka? Men kelte gaýdypdyryn. Eý, allam, özüň ýetiş. Aman-sag dolansa, ýoluňa bir tokly”.

– Oňarmandyr. Ýaşlyk edipdir.Ýeri, keseki ýurtda nä körüň bar diýsene? Öz ýurduň dertlisem ýetig-ä.
– Onuň dereksiz ýitip gitmegem ähtimai.
– Gaýdyp gelmese näme ederis?
– Baý bilen garybyň oýny deň-ä gelýän däldir öz-ä…
Her kim ýüregindäkisini orta dökdi. Gylyç bu gürrüňlere diň saldy-da:
– Adamlar, gaýa ýok, gopuz ýok, ur-tut beýle howsala düşübermäliň. Ol tebip adam. Nirede ol bolmady? Ýomut baýlarynda-da bolup geldi, Mary hanlarynyň çakylygyna-da ýok diýmedi. Ady-owazasy jümle-jahana ýaýrady. Eýranly baýam adamdyr, olam haýsydyr bir derde ýolugyp, tebibiň kömegine mätäçdir. Bu bolup biljek zat ahyryn-diýdi.
– Gylyç ! – Gyrçuw sakgally, burny düwünli bir goja kişi alkymyna dykylyp bardy. – Sen nä öten günleri unutdyňmy, şehit bolanlaryňy ýatdan çykardyňmy? Ýok, o waka heniz-heniz ynsan ýürekliniň aňyndan gitmez. Sen ony görmediň, ony görenler boldy. Her öýden bir gerçek gitdi. Ýetmiş sany men-men diýen saýlama ýigitlerdi olar.
Meň daýym Bähbit pälwanam şol şehitleriň biri boldy. Ýeri onsoň sen neneň olardan ýagşylyga garaşyp biljek?
Hemmeler dymşyp otyrdy. Hiç kes bu gojanyň gürrüňine goşulmady, oňa ýagşydan-ýamandan zat diýen bolmady.
Gylyç hem ýüregindäkisini aýdyp bilmän galdy. Adamlar duran-duran ýerlerinden butnamady. Burny düwünli goja welin usullyk bilen ýerinden turdy-da:
– Meňki bir aýtmak. Sizem halanyňyzy ediň – diýip, hasasyny tyrkyldadyp derwezä bakan ýöneldi. Ol tä howludan çykyp gidýänçä, hiç kim geplemäge milt edip bilmedi.
– Adamlar, Garabäpbäň gidenine ýaňy üç gün bolupdyr. Men-ä bu ýerde howsala düşer ýaly zat göremok. Onuň Meretgüle aýdan bir sözi bar: “Eger-de indiki anna çenli gelmesem, köreken meniň ugruma çyksyn, men Çukur obasyna barýan” diýipdir.
– Ýeri onsoň senem bir özüň ýola çykayjakmy?
Gylyç kakasynyň özüne beren sowalyna birbada jogap bermäge ejap etdi. Ýöne dymybam bilmedi.
– Çykman näme, kaka? Ony biz alamana iberemzog-a? Çukur obasy

ynha dälmi? Onsoňam bu ýerde üýşüp barar ýaly, onuň näme zerurlygy bar?
– Ogul-a gürled-ow!
Gylyç kakasynyň ýagdaýyna düşünmän duranokdy. Ol ogluna dözümsizlik edýärdi, ýola ýeke cykmagyň hatarlydygyny ýaňzytjak bolýardy. Ýöne onyň döwletli maslahat bermezligi welin Gylyjy uly ünjä goýýardy: “ Bulaň hiç biri alada etmekçi dälmikä? Meretgüle näme jogap bererin”.
– Adamlar, dagalyň. Indiki anna çenli ýene dört gun bar. Şoňa çenli gelmese, soňuny soň maslahatlaşybermeli bolar.
Adamlar herhal umytda boldular, her kim inçe tama bilen ýerinden turdy.
Birsalymdan howluda Gylyç bilen Meretgülden başga adam galmady, olar hem esli wagtlap dymşyp oturdylar. Häzir Gylyjyň kellesinde set-müň pikir at salýardy: “ Dogrudanam, aýatda diri bolsa, bu çaka çenli gara berse-de bererdi. Işigaýdan öz aýagy bilen ajalyna gidäýdimikä?”
Garaňky gatlyşyberende Gylyç obanyň ilersinde ýaşaýan Rejep tekeleriňkä ugrady. Rejep tekäň ilki Nohurda, soňam şu obada – Garawulda ýaşap yörenine indi elli ýyl töweregi bolupdy. Şalyk Mergen diýlen adam teke maşgalasyna öýlenende, Rejebem şol aýalyň ýzyna düşüp gelen oglanjykdy. Ösdi, ulaldy, adam çykdy, şu obaly bir garybyň gyzyna öýlendi, ogul-gyz, agtyk gördi. Şonda-da onuň ady Rejep tekeligine galyberdi.
Gylyç bärden baranda, Rejep teke ýassygy tirsekläp, çaýly demkeşi ýaňyja öňüni alypdy. Ol Gylyjy görüp, dikelibräk oturdy.
– Essalowmaleýkim, Rejep aga!
– Waleýkim, Gylyç han, geleweri oglum, neneň gurgunjamyn? Körpelerem sagmydyr?
– Taňry ýalkasyn, Rejep aga. Şükür huda, saglykdyr. Özüňem oňatmy, neneň birmydar barmy?
– Munça bolanyna şükür edip otyryn. Hyk-çokam näme, garrylykdan görýän. Hany gel, bir käse çaý bereýin.
– Sag boluň, Rejep aga. Men siziň ýanyňyza bir zat hakynda soraýyn diýip gaýtdym.
– Gowy edipsiň, köşek.Bilmedigiň soramak aýyp däldir, ýöne şu

käsäni bir eliňe al. Yşgyndan demlenen.
Gylyç Pejep tekän özüne uzadan çaýly käsesini eline aldy-da, öz öňünde goýdy.
– Ana, indi soraber.
– Siz Eýran ýurdunyň bäri çetlerine belet adam.
– Hawa, oglum, men ol ýerleriň dagyny-düzüni torç eden, ähli ýerini paýu-pyýada söken adam. Özümi-de o ýurtda ýagşy tanaýarlar. Köp-köp dostlarym bar.
– Salman baýam tanaýanyzmy?
– Salman baýmy? Elbetde, baýy-batragyna, ýerden ýorenine belet. Söwda-satyk etdim. Ýöne sen ňamüçin aýratyn Salman baýy soradyň? O saňa näme gerek boldy?
– Aý, hiç-le, ýöne…
– Ýönäň näme, näme dymdyň? Bir zat sorajak bolduň, çekinme-de soraber!
– Garabäpbe şol baýyň çakylygy bilen gidipdir-de, indem üç gündür gara berenok. Şoň üçin soraýdym.
– Hä, gep mundan çyk-dow. Asyl ol gidipmidi? – Rejep teke birhili sesine nazym berip gepledi. – Salman baýyň oguljygy haýsydyr bir kesele ýolugyp, kopden bäri düşege baglanyp ýatyr. Oňa Garabäpbäni salgy berenem meniň özüm. Giden bolsa, dogry edipdir.
– Be-e, onda eýse Garabäpbäni salgy beren siz ekeniňiz-dä!
– Hawa, men.
– Onsoň ol näme diydi?
– Kim? Salman baýmy? Garabäpbäniň tebipliginden, bejerip bilýän kesellerinden soraşdyrdy. Menem onuň tarypyny ýetirdim. Eýsem onuň tebipligi ýalanmy? Onuň aýdany bilen agyrýan damarlaryma kepderiniň tezegini ýapdym welin agyrydan dynaýdym. Arada agtyjagymyň gulagy iriňläp, tas heläk bolupdy çagajyk. Onam Garabäpbe gelip bejerdi. Ýogsam şetdalynyň ýapragyny ýenjip-ýenjip, onuň süwunam çaganyn gulagyna damdyrmak kimiň kellesine geljek zat. Aýtdym, ýeri bu ýerde näme üýtgeşik zat bar? Eger-de Garabäpbäň baýyň ogluna nepi degse, baýyň oňa ýoňsuz aklyk berjegin-ä bilýän.
– Aý, hemmeler Salman baýyň bu çakylygyny erbetlige ýoran soň, sizden soraşyp göräýeyin diýdim. Baý tebibi aldowa salyp,

öldürmek üçin äkidendir diýjek bolýanlaram ýok däl. “Köne dyşmandan dost bolmaz” diýip, meniňem başymy-gözümi aýladylar.
Rejep teke çuslanyp oturdy-da, sowan çaýyndan sähelçe owyrtlady. Soňam Gylyjyň ýüzüne köp manyly garap, sodalyk bilen dem aldy.
– Bu bir köne taryh, oglum. Dogry, bir günde ýetmiş ýigidiň agysy aglandy. Ýetmişisem juwan ýigitlerdi.Ýöne bu ýerde Eýranam däl, Eýranyň halkam däl-de, on-ýigirmi sany ganojak günäkär. Ol waka üçin tutuş ýurdy günäläp bolmaz ahyry.
– Her niçigem bolsa, Rejep aga, şol wakany maňa gürrüň berseňizläň, haýys edýän .
– Öň eşitmänmidiň?
– Çalarak eşidipdim, meniň dolulygyna bilesim gelýär.
– Bilesiň gelýänligine-hä ynanýan welin, ýöne…
– Ýönesi näme, Rejep aga?
– Ýönesi köne ýarany täzelän ýaly bolaýmasam…
– Rejep aga, siz şol wakany gözi bilen gören adam. Bu zatlar indi könelibem barýar.
– Onyň dogry, oglum, geçmişini bilmedik geljeginiň-de gadyryny bilmez…..
Rejep teke şondan soňam nämüçindir gürrüň bermäge howlukmady. Aýtmakçy bolýan her bir sözüni ylla gursagyndan iňňe bilen gazyp alýan ýalydy.
– Ondan bäri altmyş ýyl, belki ondanam köp wagt geçendir- diýip, ol ahyry dil ýardy. – Sen-ä soňky döwrüň çagasy, meniň welin, şu günki ýaly ýadyma düşýär. Bu ganly waka bolanda, men ýaňy on iki-on üç ýaşlaryndaky oglandym. Özümem gyzamyk çykaryp, düşekde ýatyrdym.
Ähli zat eýranly başbozar garakçylaryň çopan goşuna düýdansyz çozmagyndan başlandy. O nejisler süriň üç çopanynam gynap öldürip, agyr sürini öz ýurtlaryna aşyrmakçy bolan ekenler. Ana, şol mahalam çopanlaryň biriniň ogly, ol meniň bilen gözlüje ýaşytdy, soň o neressäni sil äkitdi. Oba habar getirenem şol oglanjyk boldy. Ol kakasyna iýer-içer ýaly aňry-bäri zat alyp barýan eken. – Rejep teke gürrüňini gutardym eden ýaly, ýene-de esli dymyp oturdy.
Gylyç ýerinden gozganmady. Ol bu gojanyň başlan gürrüňiniň

soňuna näçe garaşmalam bolsa garaşjakdy. Şu gün şol hakykat hakynda bilmän gaýdarly däldi.
Pejep teke ýene-de gürläp başlady.
– Obada asyl göz açyp-ýumasy salymda iň saýlama ýigitler atly-ýaragly häzir boldular. Araçäkden aşmankalar garakçylary ele salmagyň küýüne düşen ýigitler ykjam ýaraglanyp, ýola düşdüler. Wah, penjiräň aňyrsyndan görnübem durdy-la. Ne bir güler ýüzli, nurana ýigitlerdi. Bilmedim, soň tapylan gürrüň bolsa-da, olara Goçmyrat ahun pata beren. Özem “ Araçäkden aňryk ýekeje ädimem ätleýji bolaýmaň” diýip berk tabşyranmyş. Ýöne üç sany bigünä çopanyň öldürilmegi, ýigitleriň ganyny gyzdyryp, namys atyna ataran bolmaly.Täre pilli, Yslam hoja, Garry han… Oba guş gelse ganatyndan, gulan gelse toýnagyndan goýýan, nohurlylaryň penakäri dyzmaç ýigitler… duşmanyň yzyndan at salypdyr. – Şu ýere ýetende, Rejep teke sojap bir dem aldy-da: – Garakçylar hilegärlige ýüz urupdyrlar – diýdi. – Özleri-hä esli adam bar eken. Sürini kowup baryşlaryna yzlaryndan kowgy geljeginem aňlapdyrlar.Kümüş daş diýen ýeriň golaýynda, uly ýoldan sowarak ýerde on-on iki atlydan özgesi gizlenýärler. Süri dowar bolsa eýýäm araçäkden aşyp, tozany al-asmana göterilip gidip barýarmyş. Biziň ýigitlerimiz muny görüp, “ýa alla!” diýibem at salypdyrlar. Şeýtmek bilen olar hem-ä ahunyň sargydyny unudypdyrlar, hemem aldawa düşüripdirler. Hiç zatdan bihabar ýigitlerimiziň bukuda ýatan garakçylar söbügine münüp, gabapdyrlar. Ganly garpyşyk bolupdyr. Gapyllykda üstlerini basdyran oglanlar…
Gylyjyň bu mahal gojadan nämedir bir zat barada soramakçy bolup, içini it ýyrtýardy. Ýöne ol berjek sowalynyň Rejep tekäniň sözüni böltär diýip pikir etdi. Rejep teke bolsa hamsygyp, bokurdagy dolup otyrdy. Ahyr telpegini çykaryp, eline aldy, ondan çykaran akja ýalyjagyna ýüz-gözüni süpürişdirdi-de, esli wagtlap dymyp oturdy.
Gylyç söweş bolan ýeri göz öňüne getirdi. Ol iki ýurduň araçägini aňladýan belligiň gapdalynda ýerleşýrdi.
Rejep teke ýene güýç toplan bolara çemeli. Sessiz aglap, ýüregini gowzadansoň, sesi-de merdemsi çykdy.
– Hawa-da, könelerimiz diýmänmi: “ Atаň ölse-de dem-dem agla”

diýip. Garakçylar rüstem gelip, oglanlaryň başlaryny alyp, atlaryny hem ýanlary bilen sürüp äkidiprler. Şol çaknyşykdan bary-ýogy ýarym sagat çemesi wagt geçse geçendir-dä, oba Täre pilliň aty, soň ýene-de bir at uýanyny süýräp geldi, üstleride gara-gan.

Adamlar nämäniň-nämedigine bada-bat göz ýetirdiler. Obanyň uly-kiçisi, aýal-ebtaty, garry-gurtusy aýak ýalaň, baş açyk, paýu-pyýada eňdiler. Hatda düşekde gýzdyryp ýatan halyma menem olara goşulyp gitdim. Özüň bilýäň, Nohurdan ol ýere barýançaň esli ýol bar ahyry.

Adam herki zada döz geler ekeni. Barsak, ýetmiş ýigidiň ýetmişisiniňem göwresi gana bulasyp ýatyr, ählisem başsyz.

Her kime öz ölüsini tanamak iş boldy. Gyk-wak, zenzele, ahynala. Biz başy kesilen jesetleriň ählisini at-eşege, araba ýükläp, oba alyp gaýtdyk. Ýolda gelýärkäk, iki oglunyň jesedini alyp gelýän Nurjemal görgüliniň özi hem amanadyny tabşyrdy oturyberdi.

Täre pilliň jesedi howlusyna getirilende, öýden ikigat aýaly Mezzem çykdy-da, jynssyz ses edip gygyrdy.

— Täre jan, ezizim. Sen meni ýeke goýduň. Bagtyma gara çekildi — diýdi-de, saçyny düýt-müýt edip, ýüz-gözüni dyrnaçaklap, atyň üstündäki başsyz göwrä topuldy. Gözüň bilen görmeseň, ynanar ýaly däl. O görgüli bagyryp topulanda, Täre neressäniň jesedi birhili titräp, ýaňadan jan beren ýaly boldy…

Gylyç mundan artyk saklanyp bilmedi.

— Rejep aga, bu wakanyň soňy näme bilen gutardy? Olary başsyz jaýladylarmy? Onsoňam, onsoňam… — Ol şu ýerde häliden bäri soramakçy bolýan zadyny sorady. — Kim eken olar?

— Ýadymda, hemmesem ýadymda. Neresseler o gün myhman alyndy. Ýigrimä golaý atly şu işiň yzyny yzlap gidibem geldi. Olar araçäkden geçäýen ýerlerinde, Posan diýen ýer bardyr. Bir gowakda kyrk kelläni taşlap gidipdirler. Bäriden baranlar olary şol ýerde jaýlapdyrlar. “ Bular şehit, şehitler üçin bolsa ölen ýerlerinde jaýlanandan amatly ýer bolmaz, ötengeçen aýat okar” diýipdirler.

— Siziň o diýýäniňiz Kesir obasynyň garşysynda bolmaly. Käte ol ýerde at çapyşygy baýramçylygam guralýar.

– Guralsa guralýandyr, ana şol ýerde bir uly tümmek bardyr.
– Aşyrapdalyň ýanyndamy?
– Hawa, hawa, oglum. Şol ýerde.
– Oba getirilen jesetler nirede jaýlanyldy?
– Olarmy? Olary bizden birneme ýokarrakda Älemli arça diýilýän ýerde jaýlamakçy bolupdylar. Ýöne Goçmyrat ahyn oňa göwnemändir. ″Älemli arça çenli aralyk esli ýer bar. Özem dim-dik baýryň ýüzünde.Eger biz olary şol baýyrlykda jaýlasak, onda her kes öz ölüsini şol şehitleriň ýanynda jaýlamakçy bolar.Onsoň ilçilikde gurbatlam bar, aşa garybam.Garyba ölüsini Älemli arça eltip jaýlamak ýeňil düşmez. Şeýdibem ölä deň hormat goýulmaz. Gowusy, olary obanyň gaýrasyndaky gonamçylykda jaýlalyň!″
Ahun bilen ylalaşaýmakdan başga alaç galmandyr. Ine, şeýdibem Älemli arçadaky gazylan gabyrlar gömülmän taşlanylypdyr, siňe seretseň olaryň ýeri şindi-şindilerem bildiripjik durandyr…–Rejep tekäň ylla bir uzak ýoly pyýada söken ýolagçy ýaly endamy burçäk-burçak derläpdi. Ol öňünde käsedäki sowan çaýyny beýläk serpip goýberdi. – Ine, oglum, şol hakykat-a şeýleräk bolupdy. Aýdyşlaryna görä, garakçylardanam biziňkiden az adam omändir. Ýöne olar öz ölülerini ýanlary bilen alyp gidipdirler. Goýun süriniň welin gidişi-gidiş bolandyr.
Gojanyň sözüniň gutararyna mähetdel Gylyç:
– Rejep aga, Garapäpbäni Salman baý çagyrypdryr. Gidenine-de üç gün. Ýaňy garrylarymyz bimaza bolşup, bize bardylar. Indi siz maňa aýdyň, şol ganly waka bilen baýyň, heý, dahylly ýeri bolup bilermi?
– Eý, oglum, og-lum, senin Salman baý diýýäniň o mahal heniz enesindenem dogmandy .Ol häzir ýaňy bir elli ýaşlaryndaky adam ahyryn. Onsoňam ol garakçylaryň kimdigi bireýýäm anyklanyldy. Olara öz ýurtlarynda-da nälet okalyar. Salman baýa bolsa menden belet adam ýokdur. Pukaraň, il-günüň, obadaşlarynyň ar-namysy üçin döräýen perişdedir. Degmedige degenok, degenem gaýgyranok.
Telim ýyl geçdi. Şükür indi o döwür ýog-a. Imisalalyk. Islän mahalymyz gidip-gelip durus. Alyş-çalşam edýäs. Kowum-taryndaşlarymyzyňam deň ýarysy şol ýurtda aman-sag ýaşap

ýör.Ýöne il arasynda başga bir gep bar. Görýäňmi, ak natyşa ýykyldy, indi biz hem ruslaň raýatynda. Şeýle bolansoň, Eýran bilen aramyza ýörite serhet çekiljekmişin. Gidip-gelmegem, bilemok welin, gadagan ediläýjek ýaly. Aý, onçasyny görüberýäs-dä.

– Onda bu ýerde howsala düşere zat ýok-da!?

– Sen näme barada aýdýaň, oglum? Garabäpbe baradamy?

– Hawa.

– Elbetde, oglum. Howsala düşmeg-ä beýle-de dursun, goňşuňa ynanmazlyk etmegem gowy däl. Salman baý garyp kölüne çeňňek oklaýan balykçylardan däldir, oglum. Äsgermezligem, ulumsulygam bolmaz. Gaýta onda gysganç baýlara gelişmeýän sypatlar bar. Wagtal-wagtal janly soýup, obanyň garyp-gasarlarynyň, çaga-çugalarynyň garnyny doýurýar. Men oňa belet. Işiginden galla sorap gelen boş gaýtmaz. Ine, Salman baý nähili adam. Onuň öz ýurdunda sarpasynyň ýokarylygy hem şonuň üçindi. Onsoňam oňa Garabäpbäni salgy beren meniň özüm diýdim-ä. Belki eli ýeňil bolup, iş bitirip gaýdaýady.

– Gürrüňiňiz üçin taňry ýalkasyn, Rejep aga. Munça bolanyna görä , men sizden ýene bir zady soraýyn.

– Soraber, köşek, çekinmegin.

– Obamyzyň adyna ňämüçin Garawul dakylandygyny aýdyp bilmermisiňiz!?

– Bu nä gep boldy, gel-gel, indi obaň adynyn nämeden gelip çykyşynam bileňokmy?

– Çynym, bilemok.

– Haýp, Şu ýaşda bilmedik bolsaň, onda senden bolanlar nämäni bilsin?

– Aý, bi zatlar bilen gyzyklanmandyrysam.

– Heý-de, ýer, ýurt atlary bilen gyzyklanmadyk adam bormy? Onda-da dogduk obaň. Ine, biziň äwmezligimiz nirede? Obaň çar tarapyndaky depelere äňet, boýy üç-dört metre ýetýän diňler bardyr. Olar esasan daşdan salnandyr, “ Ele ýarag alyp şol diňlerde garawulçylyk çekerdik” diýip, maňa öten ýyl ýüz ýigrimi ýaşynda ýogalan Aky Türi ogly hem gürrüň beripdi. Diňde töweregi synlar ýaly deşijekler bar eken. Bardy-geldi üstlerine ýagy döküldimi, diňde oturan garawul haýdan-haý ot

ýakmaly, oba bakan at salyp, tutuş obany aýaga galdyrmaly eken. Garawulyň ýatyp galan wagty ýa-da onuň duýdansyzlykda öldürilen mahallaram bolupdyr. Olar ýaly halatlarda oba gyzylbaşlar tarapyndan talanar eken, gyz-gelinler ýesir alnyp, mal-garalar sürlüp äkidiler eken.
Indi meniň gürrüňini berýän diňlerim haraba öwrülip ýatyr. Meni gynandyrýan ýeri, şol diňler ýykylyp, ýykylan daşlaryndan bolsa ýaşaýyş jaýlarynyň gurulmagy. Ölar seniň taryhyň ahyryn, obanyň adyna Garawul dakylmagyna-da gös-göni şol diňler sebäp bolan ahyryn…
Olar soňam gürleşip oturdylar. Gylyç wagtyň birçene barandygyny bilip, Meretgülün gözi ýoldadygyny ýadyna saldy. Öl öý eýesi bilen sagbollaşyp turmak bilen boldy…
Gylyç öýe gelende, dogrudanam, gelni ýatman, oňa garaşyp oturan eken. Ol gele-gelmäşe:
– Näme eglendiň-le, Gylyç. Heý, bir uç tapyp bilmediňmi? Salman baý nähili adam eken? Rejep teke näme gür berýär? – diýip, onuň üstüne sowal barysyny ýagdyrdy.
– Bildim. Barysyny bildim. Rejep teke Salman baýy oňat tanaýan eken. Garabäpbäniň ökde tebibligini baýa salgy berenem şol eken.
– Onsoň…
– Onsoň arkaýyn bolaýyň, näsagy bärik bakdygy geler, eger-de, ňa nepi degse, bagty çüwdügi, baý sylagyny ýetirer diýdi.
– Senem şona ynanýaňmy?
– Elbetde, ynanýan. Öz atаň ýaly adamyň gepine-de ynanjak dälmi?
– Ýaşululaň köne dyşman diýýäni ňame eken?
– Ana, o gürrüň welin giden bir taryh. Özem bir zamanlar bolan zat. Rejep teke-de “ Köne samany sowurmagyň hajaty ýok” diýdi.
– Her niçik-de bolsa…
–Hawa, Meretgül, men saňa düşünýän. “Hudaýa ynansaň ynan, ýöne eşejigiňi bekje dyşa” diýilmänmi? Anna gününe deňiç gelmese, ýola düşerin.
– Kakaň goýbär öýdýäňmi?
–Kakammy, goýbär. Sen ony heniz tanaňok. Onuň gazaply, äwmezek keşbine seredip baha berme, ýüregi çagaňkydanam ejizdir.

Är-aýal gijäniň birmahalyna çenli gürleşip oturdylar. Gylyç anna güni säher bilen ýola dýşmegi ýüregine düwendigini kesgitli aýdanda, Meretgül gam-gussaly başyny ýassykda goýdy. Romanlar